# Gubadagly men!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gubadagly men! GUBADAGLY MEN

Çalyşmaryn erem bagyna derek,
Obam,sen ykbalym, özüme gerek.
Adyňa guwanyp, joşup dur ýürek,
Baky bagt eýesi, ajap çagly men,
Gubadagly men!

Göbek ganym bilen baglandy örkim,
Senden kemal tapdym, taplandy durkum,
Aslymy-neslimi sorasa herkim,
Diýerin buýsançly – saňa bagly men.
Gubadagly men!

Şamu-säher öwsen mylaýym howaň,
Getirer hoş ysyn seliniň, ýuwaň,
Asyrlaň şaýady, hemişe juwan,
Bagrym bilen obam, saňa bagly men,
Gubadagly men.

Mährim ganmaz müň bir ysly gülüňden,
Baky gözüm doýmaz atyz-peliňden,
Seňkidir gowylyk gelse elimden,
Mährim siňen öz obamyň ogly men,
Gubadagly men!

Hydyr gören ýerim – ýürek bendim bar,
Asuda şäherim, obam-kendim bar,
Pähim-parasatly Prezidentim bar,
Şonuň saýasynda göwni çagly men,
Gubadagly men!

Ilim, malyň başyň bilen, aman bol,
Ilim, içiň daşyň bilen, aman bol,

Watan – göwin hoşuň bilan aman bol,
Menem seniň bilen ajap çagly men,
Gubadagly men!

Sabyr ÖRÄÝEW. Goşgular